# Ymam Rabbany

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ymam Rabbany

YMAM RABBANY

Ahmet Serhendi ýa-da Ymam Rabbany, Hindistanda ýaşap geçen beýik yslam alymy we tasawwuf piri. Doly ady Ahmet el-Faruky el-Serhendi. 1564-nji ýylda şol wagtky Babyr imperatorlygynyň tabynlygynda bolan Hindistanyň Serhend (Çandigarh) şäherinde dogulýar. Dört Çaryýarlaryň ikinjisi Hezreti Omaryň neslinden bolandygy üçin el-Faruk ady bilen hem giňden tanalypdyr. Nagyşbendi tarykatynyň agzasy bolmak bilen birlikde kadyryýa, çeştiýe ýaly akymlaryň agzalary tarapyndan hem uly hormat goýulypdyr. Ýigrimi ýaşynda Baky Billahyň müridi bolýar we gysga wagtyň dowamynda Baky Billahyň patasyny alyp, onuň yzyny mynasyp dowam etdiriji bolýar. Babyr hökümdary Ekber Şanyň Hindistanda täze bir akym döredip, ortalyk "ylahy din" ady bilen ýaýratmak islän akymyna garşy yslam dininiň arassalygyny saklamak üçin göreşipdir, şeýle hem bu bozuk akymyň ýaýrap gidibermezligi üçin Ymam Rabbany ýadawsyz tagalla edipdir we bu göreşinde üstünlik gazanmagy başarypdyr. Ekberiň ogly Jahangir Şa goşunyň içinde Ymam Rabbanynyň müritleriniň barha artýandygy barada bir weziriniň ýamanlamagy bilen ony zyndana salýar we bir ýyldan soň ony zyndandan çykaryp huzuryna kabul edýär. Ymam Rabbany onlarça mürit ýetişdirip Hindistanyň dürli künjeklerine ugradypdyr we halky Hak ýoluna çagyrypdyr, halkyň Ehli-Sünnet ynanjyna bolan baglylygyny hasam berkidipdir. Ymam Rabbany yslamyň ikinji müňýyllygynyň iň beýik alymy we müjtehidi hasap edilýär. Ymam Rabbany dünýäde we ahyretde halas bolmagyň ýeke-täk ýolunyň Ehli-Sünnet ynanjyna ynanmak arkaly amala aşjakdygyny aýtmak bilen birlikde, şägirtlerine ylym öwrenmekligi we dini ylymlary diňe Ehli-Sünnet alymlarynyň ýazan kitaplaryndan öwrenmekligi ündäpdir, şol sanda ol yslamyň içinde döreýän birnäçe bozuk akymlara we

wahhabylyga garşy göreş alyp barypdyr. Bir musulman üçin ilkinji nobatda ygtykadyny düzeltmegiñ, soñra fykh ylymlaryny özleşdirmegiñ hökmanydygyny nygtapdyr. Ol eserlerinde imany we Gurhan ahlagyny giñişleýin düşündirmek bilen birlikde, Allanyñ barlygyny we birligini, yhlasy, amaly, ruhy, nebise we şeýtana garşy jihad etmegiñ ýollaryny beýan edýär, Allatagala nädip yhlasly ýakynlaşmagy, pygamberler ynanmaklygy, Dört Çaryýarlara eýermekligi ündeýär. Musulmanlaryñ öz aralarynda birnäçe akymlara bölünendigini, dogry ýoluñ bolsa diñe Ehli-Sünnet ygtykadyna eýermekden başga ýoluñ bolup bilmejekdigini öñe sürýär. Musulmanlaryñ agzybir bolmagy we yslam dininiñ ýaýylmagy üçin jan edipdir. Ymam Rabbany sünni mezhebiniñ ikinji müñýyllykdaky ýol görkezijisi hasap edilýär. Ol 1524-nji ýyl dogduk şäheri Serhentde aradan çykýar. Onuñ gubury ýerleşen kümmet we daş-töweregi "Rawzaýy-Şerif" diýip atlandyrylýar.

■ Eserlerinden käbirleri:

1. "Mektubat; Kelam", bu kitap tassawuf ylmynyñ inçe syrlaryny açyp görkezýär.

2. "Reddi-Rewahyd", bu kitap rafyzylaryñ (şaýylaryñ) sünni ynanja garşy gelýän ýerlerini we olaryñ nädogry ýoldadygyny subut edýär.

3. "Yspatun Nübüwwe" ("Pygamberligiñ delilleri")

4. "Mektubaty Rabbany" 4 tomluk.

5. "Mearifu Ledüniýýe"

6. "Adab-ül müridin" ("Müridiñ etikasy")

Ýazyjy şahyrlaryñ we alymlaryñ terjimehaly